Balkan welaýatynyň Esenguly etrabyndaky Çagalar sungat mekdebiniň direktory **Bibinagyma Babaýewna Mämmedowa;**

**«Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti»**
**diýen hormatly ady:**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Halkara medeni aragatnaşyklar bölüminiň başlygy **Agadurdy Çaryýewiç Akmyradowa,**

Türkmen telewideniýesiniň Baş müdirliginiň «Altyn asyr: Türkmenistan» teleýaýlymynyň Habarlar we saz-söhbetli gepleşikler direksiýasynyň direktory **Wepa Orazgeldiýewiç Nazarowa,**

S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri **Atadurdy Gurbanowa,**

«Bereketli toprak» gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary **Täçgeldi Gulgeldiýewiç Gutlyýewe,**

«Türkmenistan» gazetiniň bölüm redaktory **Tagangül Şiriýewna Taganowa.**

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 07-i.*
*№ PP-5866*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1516 Türkmenistanyň Harby-Deňiz Güýçleriniň gününi döretmek hakynda

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Harby-Deňiz Güýçleriniň harby gullukçylarynyň Garaşsyz Watanymyzyň deňiz çäkleriniň bitewüligini gorap saklamakda, ýurdumyzyň we halkymyzyň howpsuzlygyny üpjün etmekde hem-de Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Türkmenistanyň ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan hukuklaryny we borçlaryny berjaý etmekde, dünýäniň döwletleri bilen parahatçylykly we dostlukly ýaşamak syýasatyny amala aşyrmakda bitirýän hyzmatlaryny göz öňünde tutup, şeýle hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Harby-Deňiz Güýçleriniň harby gullukçylarynyň towakganamalaryny nazara alyp, **karar edýärin:**



1. Türkmenistanyň Harby-Deňiz Güýçleriniň gününi döretmeli we ony her ýylyň 9-njy oktýabrynda belläp geçmeli.

2. Türkmenistanyň Goranmak ministrligi Türkmenistanyň Harby-Deňiz Güýçleriniň gününiň ýokary derejede guramaçylykly bellenip geçilmegini üpjün etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 10-y.*
*№ PP-5867*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1517 B. B. Çopanow hakynda

**Begenç Bäşimowiç Çopanowy** Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň müdiriýetiniň başlygy wezipesine belläp, ony «Garagum» halkara paýdarlar bankynyň müdiriýetiniň başlygy wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 15-i.*
*№ PP-5869*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1518 Türkmenistanyň Medeniýet ministrligini döretmek hakynda

Täze galkynyş zamanasynyň talaplaryna laýyklykda medeniýet edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmek we netijeliligini ýokarlandyrmak, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri, ýurdumyzyň medeniýetini, sungatyny, milli aýratynlyklaryny